# Arzylym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Arzylym ARZYLYM



*Birnäçe ýyllaryň dowamynda men Gurban Rejebow bilen ýaşlaryň döredijilik birleşmelerinde köp duşuşdym. Ýaňy-ýakynda bolsa biziň Ýazyjylar soýuzymyzda onuň goşgular ýygyndysy ara alnyp maslahatlaşyldy. Maslahata gatnaşanlar ýaş şahyryň şygyr sungatyna yhlasyny, oniň durmuşyň köp taraplary barada aýdan şahyrana seslenmäge çalyşýandygyny belläp, şowly çykan goşgularyny aýratyn kitap edip çykarmagy karar etdi.*

*Umuman hem G.Rejebowyñ goşgularynda özboluşlylyk, öz pikiri, öz duýgusy, öz şirinligi bar. Onuñ döredijiligine mahsus:*

…Bolçulykda ýat bolýarys illere,
Gytçylykda deñ paýlaşyp hesretin;

…Geçen yzyn gözýaşyna boýaýar,
Görejime sapak dürtülen iññe;

…Dostlar, maña sowgat etjek bolsañyz –
Ýylgyryñ;

ýaly setirleriñ köp bolmagyny isläp, Gurbana poeziýanyñ ümmülmez äleminde öz ýodasynu tapmagyny arzuw edýäris,

Mämmet SEÝIDOW.

1983.

* * *

Men özüme dözmezçilik etmedim,
Durmuşyñ gadryny bilmekçi bolup,
Suwdan alyp özüm oda okladym,
Hem suwa okladym otlardan alyp.

Dodaklarym teşnesiräp ýaryldy,
Epgekden eýmenmän terk etdim yzy.
Aýagyma batýan tikenden gaçyp,
Sowulmadym ýoldan, epmedim dyzy.

Asuda akymda akmadym hergiz,
Ýalpakladym ýa-da sil bolup joşdum.
Süýtde agzy bişen suwy üflärmiş,
Men welin müñ gowga başymy goşdum.

1983.

* * *

Meñ ýaralam basym bitýän ýara däl,
Bagtymam dag-daşy ýaryp baranok,

Bar daýanjym ýagşy niýet, oňat päl,
Göreşsiz durmuşda asyl bagt ýok.

Durmuş basýar ejizleriň gerşinden,
Durmuş diňe güýçlüleri halaýar,
Gazanylan ýeňiş çäksiz bagta deň,
Her göreşde arzylanýan ýeňiş bar.

Durmuş diňe güýçlüleri halaýar,
Oň derdini götär mertleň gerdeni,
Ýöne käwagt çyn ärlerem aglaýar,
Wagt bolar hemme ýaraň melhemi.

1982.

* * *

«Ot-bela, suw-bela, hem töhmet-bela»
Hak aýdan ekenler ata-babalar;
«Mes günüň «wag» berer töwerek-daşyň,
Ýowuz günde töweregiň sabalar».

Başyma ýowuz iş düşen mahaly,
Bu söze has-da çuň gözüm ýetirdim.
Ýok. Başyma iş düşeni üçin däl,
Başga zada ahmyr edip oturdym.

Göz-görtele ýalan töhmet sataşdy,
Derkar boldy dosty-ýaryň penasy…
Töhmedem-ä bela ekeni welin,
Ýaman eken dostsuzlygyň belasy.

1983.

## ■ OÝLANYP OTURSAM…

Serim tutup jahyllygyň ýelgini,
Ýyllar kerwenini ötürdim duşdan.
Keýpi-sapa boldy ähli aladam,
Şeýdip ötüpdirin otuz bir ýaşdan.

Ynha indi oýlanyplar otursam,
Ömrümiň iň gözel, joşgunly döwri.
Bitiren işim ýok, arçalan ýodam,
Bu ajy hakykat sanjyp dur böwri.

Edilmeli işleň bolsa çägi ýok,
Oň tersine ömür çäkli. Aýdyň zat,
Şoň üçinem şu günküňi bir bitir,
Hem dol düýnüň öwezini, Adamzat!

1979. Goşgular